# Terminologiýa meselesi

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Terminologiýa meselesi TERMINOLOGIÝA MESELESI



*Harbylaşan döwlet we kontrrazwedka režimi hökmünde Ysraýyl ýeňlişiň aşagyndan çykyp bilmez, çünki ilkinji ýeňliş şol bir wagtyň özünde iň soňky ýeňlişdir*

Gaza urşy Liwana syçranyndan bäri Ysraýylyň bir ýaşaýyş jaýyny, binany, obany ýa-da binalar kompleksini bombalamadyk ýa-da asmana uçurmadyk güni geçmedi.

Bu obýektlerden käbirleri şeýle bir kiçi ýa-da bilnenok welin, resmi kartada hasaba alynmandyr, emma hamana kärendesine alynan ýa satuwa çykarylan mülküň maglumatlary ýaly ysraýylly kartografyň elinde hasaba alnypdyr.

Bütin bularyň barsy, elbetde geň galdyrýar we howpurgadýar. Emeli hemralar bilen ýerdäki içalylardyr dönükleriň arasyndaky şeýlekin ünsüň garşysynda liwanlylar gorkup, aladalanyp,

howatyrlanyp biler.
Ýöne ady-sory bilinmeýän obadaky kiçijik öýi gözegçilikde saklamak ýa-da howpsuzlyk ýa-da maşgala ýygnanyşygy wagtynda gazaply bombalamak ukyby meseläni bütewiligi bilen geçen ýylyň 7-nji oktýabryna dolap getirýän sowaly orta atýar.
Başga ýurtlara aralaşma boýunça şular ýaly adatdan daşary komponentlere eýe ýurt «Holokostdan» bäri bir günde iň köp sanly jöhidi öldürjek hüjüm barada nädip hiç zat bilmedikä?
Ysraýyl tarapy taryhynyň iň gynançlysy bolan 7-nji oktýabr şowsuzlygy barada birnäçe düşündiriş berdi. Emma bularyň birem ynandyryjy we dogry däldi.
Bu düşündirişleri has-da inçelden ýa-da gowşadan – ha ol liderdir baş sekretar bilen birlikde garşylyklaýyn göreşiň ýokary düzümli liderlerine bolsyn, ha-da özi hakda hiç kimsäniň hiç zat bilmeýän birtopar näbelli adama garşy gurnalan kast edişlikler bolsun, her gün bolup duran ünsi çekiji düzgün bozulmalardyr.
Ysraýyl kontrrazwedka legendasymy ýa-da onuň şowsuz modelimi?
Häzirki wagta çenli olar dünýä ýüzüne, aýratynam ysraýyllylara 7-nji oktýabrdakh uly şowsuzlyklaryny ýatdan çykartmak üçin hemme zady etdiler. Harbylaşan döwlet we kontrrazwedka režimi hökmünde Ysraýyl ýeňlişiň aşagyndan çykyp bilmez, çünki ilkinji ýeňliş şol bir wagtyň özünde iň soňky ýeňlişdir.
Ol arasyna syzyp we ýeňip bolmajak döwlet obrazyny döwdürende, oňurgasyny döwdürer. Onuň goranyşdaky at-abraýy uruşmaga we çaknyşmaga däl-de, bukulmaga we teraktlara esaslanýar.
Şeýle çemeleşmäniň ahlak tarapynyň ýa-da munuň döwletleriň däl-de, terrorçylykly toparlaryň işidigininiň üstünde ýeke gezegem durup geçmedi.
Jenaýatçylar ýaly duşmanlaryny öldürende «hereketsizlendirendigini» aýdýar we sud etmezden ölüm jezasyna höküm edýär.
Edýän her bif zady ‘terakt syýasaty» däl-de, her gün diýen ýaly, elbetde, ýönekeý ilatyň Liwandaky öýleri we jaýlary bilen birlikde hemme zady «nyşanalamakdyr».

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Penşenbe, 17.10.2024 ý. Publisisistika